

# ÇÄKSIZ ÇÖZGÜTLERE SYÝAHAT

ASMAN OKY

# Mazmuny


| | |
|---|---|
| Biz barada | **03** |
| Gorag merkezi 24x7 | **05** |
| Elektron resminama dolanyşygy | **07** |
| Edilen işlerimiz | **09** |

# Biz Barada

«Asman Oky» hojalyk jemgyýeti maglumatlar tehnologiýasy boýunça ýurdumyzda birnäçe işleri alyp barýar. Ýerli hünärmenlerimiz we daşary ýurtlardaky hyzmatdaş kompaniýalarymyz bilen ençeme taslamalary üstünlikli durmuşa geçirdik.

Hojalyk jemgyýetimiziň düzüminde 26-den gowrak hünärmen maglumatlar tehnologiýasynyň dürli ugurlary boýunça öz başarnyklaryny görkezýärler.





Resmi web sahypalary taýýarlamak



Kiber hüjümlere garşy gorag



Elektron resminama dolanşygy

## 24x7
Kiber gorag

Şeýle hem, toparymyz 7x24, ýagny hepdäniň ähli günleri 24 sagat döredilen we ulanyşa göýberilen internet saýtlarynyň tehniki goragyny üpjün etmek ýa-da olaryň tehniki auditini geçirmek, şeýle hem dowamly kiber hüjümlere garşy goramak hyzmatlaryny hem öz müşderilerine hödürleýär.

## >80
Ýerine ýetirilen proýekt

Şu güne çenli 80-den gowrak taslamany üsünlikli durmuşa geçirmegimiz netijesinde günüň dowamynda 105 000-e ýakyn ulanyjy biziň ýerine ýetiren taslamalarymyzdan peýdalanýar.

## 26
Ýerli hünärmenler

Ençeme döwlet edaralary we kärhanalar üçin maglumatlar tehnologiýasy boýunça ýerine ýetiren çözgütlerimizden başga, ýurdumyzda geçirilýän halkara derejedäki çäreleriň hem ençeme taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegimiz bizi buýsandyrýar.

## 105k
Hergünki ulanyjy

«Asman Oky» hojalyk jemgyýetiniň hünärmenleri häzirki ýagdaýda dünýäniň maglumat tehnologiýasy boýunça belli kompaniýalarynyň alyp barýan işlerine bäsdeşlik, döwrebap, innowatiw çözgütleri döretmek we bu taslamalary ýurdumyzyň ähli pudaklarynda giňden ulanylmagyny gazanmak ugrunda ençeme işler alyp barýar.

# Gorag Merkezi 24x7

«Asman Oky» hojalyk jemgyýeti hepdäniň ähli günleri 24 sagadyň dowamynda maglumat howpsuzlygy boýunça hünärmenleri bilen Internet torunyň maglumatlar goragyny üpjün etmek we internet saýtlaryny kiber hüjümlere garşy goramak işleri boýunça hyzmatlary hödürleýär.



Gorag Hereket Merkezi döredilen we ulanyşa berilen internet saýtlarynyň goragyny üpjün etmek bilen bir hatarda, olaryň tehniki auditini geçirmek we ätiýaçlyk nusgalaryny döretmek işlerini hem ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar. Gorag Hereket Merkezinde halkara derejesindäki ulgamlar we «Asman Oky» hojalyk jemgyýetiniň düzümindäki ýerli hünärmenler tarapyndan taýýarlanylan ulgamlar işjeň ulanylyp biliner.

- Web saýtlaryň nusgalaryny döretmek
- Dürli nokatlardan açylyşyny we tizligini barlamak
- Geçirilýän üýtgedişlere gözegçilik etmek
- Ulanyjylardan gelýän ähli requestlere gözegçilik
- Saýtlaryň baş sahypalaryny yzarlamak
- Tehniki audit işlerini geçirmek

# Maglumat Howpuzlygy



## Nusgalary döretmek we täzelemek

Internet saýtlarynyň tehniki goragyny doly talaba laýyk üpjün etmek maksady bilen, internet saýtlaryň ätiýaçlyk nusgalary saklanýar we olar yzygiderli täzelenýär. Haçan-da, internet saýtynyň içinde garaşylmaýan tehniki näsazlyk ýüze çykanda, saýtyň ätiýaçlyk nusgasyndan peýdalanyp tehniki taýdan abat durkuna getirmek mümkin.

## Üýtgeşmelere gözegçilik etmek

Internet saýtlarynyň ählisinde ýerleşdirilýän ähli maglumatlar doly gözegçilikde saklanylýar. Rugsatsyz we nädogry maglumatlaryň ählisi gözegçilikdäki operatoryň ekranyna çykarylýar. Hereketleriň ählisiniň haýsy URL we Domain-de bolup geçenine we üýtgeşmäniň senesine we wagtyna degişli maglumatlar operatoryň ekranynda görkezilýär.

## Üýtgeşmelere gözegçilik etmegiň usullary

• **Web Crawler** Ähli saýtlaryň, baş sahypasyndan başlap, iki dereje içindäki sahypalaryny skanirleýär
• **Web Data** Saýtlaryň HTML, JPG, PDF, TIFF görnüşleri saklanýar.
• **New Data** Sahypanyň täze görnüşi, öňki görnüşi bilen deňeşdirilýär.
• **User Interface** Sahypalaryň üýtgedilen ýerleriniň HTML kodlary, üýtgän wagty we URL salgysy ulanyja görkezilýär.

## Işleýşini we tizligini barlamak

Gorag Hereket Merkezi daşary ýurt serwerlerinden, ähli saýtlaryň işleýşini we olaryň tizligini barlap durmak işlerini hem ýerine ýetirýär. Munuň netijesinde, saýtlaryň her gezekdäki açylyş tizliginiň grafikasy, häzirki ýagdaýy we günleriň dowamyndaky statistikasy, iň soňky öçen senesi we näçe wagtdan soň öçeni, saýtyň statuslarynyň sanawy we olaryň senesi görkezilýär.

## WAF (Web Application Firewall)

Gelýän requestleriň ähli datalaryna görä barlanyp, haker hüjümi we şübheli diýip çaklanýanlary ekranyň WAF böleginde görkezilýär. Bu ýerde hem requestleriň sanyna görä grafika çyzylýar. Şeýle hem çaklamanyň sebäbi düşündirilýär. Web Application Firewall-da her request 120-den köp hüjüme garşy barlanylýar.

## Tehniki audit işlerini geçirmek

Gorag Hereket Merkezinde talaba görä tehniki audit işlerini geçirmek işleri hem ýerine ýetirilýär. Tehniki Audit işleriniň çäginde internet saýtlaryň programma kodlaryny birnäçe açyklara we buglara görä synagdan geçirilýär. Her skanirlenen saýt üçin Developer Report, Quick Report, Affected Items Report, Executive Summary Report taýýarlanylýar. Tehniki Audit barlagyny geçirmek üçin birnäçe halkara derejesindäki ulgamlardan peýdalanylýar.

# VERIDOCS

Biziň taýýarlan Resminama dolanyşygymyz siziň kärhanaňyzyň resminamalar bilen ýüze çykýan meseleleriniň ählisine çözgüt bolup biljek wezipelerine eýedir.



Has öňe gidişlige şaýat bolup biljek professional kärhanalaryň ençemesiniň, öz gymmatly wagtlaryny resminamalaryň ýerleşýän ýerlerini gözlemek, olary ilkinji we soňky wersiýalaryny deňeşdirmek we kärhananyň düzümindäki bölümleriň arasynda resminamalary paýlamak ýaly işlere sarp edýändigi anyklandy.

Biziň size hödürleýän innowatiw çözgüdimizde kärhana giriş we çykyş hatlary senelere, bölümlere, ugurlara we beýleki kärhanalara görä gözegçilikde saklamak mümkin.

## Wersiýalaryň gözegçiligi

Elektron Resminama gözegçiliginiň mümkinçiliklerinden peýdalanyp başlanyňyzdan soň taýýarlan resminamalaryňyzyň ilkinji we soňky wersiýalaryna beren adyňyzy we ol faýllary nirede ýerleşdirendigiňizi ýatda saklamak zerurlygy doly aradan aýrylýar. Haçan-da ulanyjy bar bolan görnüşiň üstüne täze üýtgeşme girizende, täze görnüş üýtgeşme girizilen senesi bilen ýatda saklanýar. Düzediş girizilen köne wersiýa hem ulanyjylar üçin elýeterli bolýar.

## Resminamalaryň elýeterliligi

Her edara gelip gowşan ýa-da edaradan başga ýere iberilen hatlaryň ählisi diňe degişli bölümiň gözegçiliginde bolýar. Diňe edara-kärhananyň ýolbaşçylary ähli hatlara gözegçilik etmek hukugyna eýe bolup galýar. Öz bölümine degişli bolmaýan resminamalar hakyndaky maglumatlar we olara degişli gürrüňlere işgärleriňiz gymmatly wagtyny sarp etmez.

## Topar bolup işlemek

Elektron Resminama Dolanyşygynyň ýene-de bir ýeňilligi topar bolup taýýarlanylýan resminamalaryň, teklipleriň we taslamalarynyň ýeňillik bilen işlenilmegidir. Bu ýerde toparlaryň tekliplerini seljermäge etmäge ýa-da topar agzalaryna degişli işleri bölüp bermäge şert döredilen.

## Düşündirişler we teswirler

Ýerine ýetirilen işleriň netijenamalary, gelen resminamalar hakynda pikirler, iberiljek resminamalara ýazylmaly mazmun hakynda teklipler, hat-da resminamany taýýarlan adama aýdylmaly sag bolsunlar Düşündirişler we teklipler bölüminde mümkin.

* VeriDocs eletron resminama dolanşygynyň resmi interent saýty
docs.asmanoky.com



VeriDocs elektron resminama dolanşygy aşakdaky görnüşli hatlary dolandyrmak üçin niýetlenip, edara-kärhanalaryň talaplaryna görä doly türkmen dilinde taýýarlandy



Giriş hatlar

Çykyş hatlar

Içki resminamalar

# Balkan gämi gurluşyk

Balkan gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody Türkmenbaşy şäherindäki ýerleşip, ýurdumyzda gämi gurluşyk we gämileri abatlamagy ulgamy boýunça ilkinji ädim bolup, milli ykdysadyýetimize we ýurdumyzyň deňiz-derýa ulaglary pudagynyň ösmegine uly goşant goşýar. Biz hem öz gezegimizde bu zawodyň internet saýdyny taýýarladyk.

**Balkan gämi gulușyk**




Biziň hünärmenlerimiz tarapyndan internet saýdy 3 dilde taýýarlanylyp ulanylmaga beridi. Bu önümçilik desgasynda ýylda 2000 tonna polat işlemek arkaly 20-30 sany gäminiň abatlaýyş we bejeriş işlerini ýerine ýetirmäge doly mümkinçilik bardyr. Zawodyň ýerine ýetirýän hyzmatlary bilen tanyşdyrýan maglumatlar, şeýle hem habarlaşmak üçin salgylary, suratlary we bu gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň döredilşi we maglumatlary sanlar arkaly görkezildi.

Köp dillerde maglumat

Mobile görnüşi

Türkmenistanda ýerleşdirilen

* Balkan gämi gurlushyga degişli ähli täzelikler www.balkanshipyard.com.tm salgysynda

# VeriDocs websaýdy

Biziň kärhanamyz tarapyndan taýýarlanylan we ulanylmaga berilen Elektron resminama dolanşygy programma üpjünçiligi bilen tanyşdyrýan internet saýdyny döretmek we ähli gyzyklanýanlar üçin gerekli maglumatlary ýerleşdirdik. Ulanyjylar indi özlerine gyzykly bolan ähli soraglara bu ýerden jogap tapyp bilerler.

VERIDOCS

Wideo we PDF tanyşdyryşlar

Nyrhnamalaryň taýýar görnüşleri

Türkmenistanyň ýerli önümi



Programma üpjünçiliginiň ähli aýratynlyklary bilen tanyşdyrýan internet saýtda wideolar, wideo tanyşdyryş we PDF görnüşinde tanyşdyryşlar bar. Şeýle hem ýerine ýetirilýän hyzmatlar we programma üpjünçiliginiň ulanyjy sanyna görä bahalary, olaryň taýýarlanan tekliplerini ýükläp bilersiňiz. Bu internet saýdyny köpçülige ýetirmek maksady bilen "Business Turkmenistan" we "Turkmenportal" internet saýtlarynda giňden mahabatlandyryldy.

* VeriDocs saýdyna degişli ähli täzelikler docs.asmanoky.com salgysynda

# Demirýollary AGPJ web saýdy

Demirýollary açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň resmi internet saýdy 3 dilde: türkmen, rus we iňlis dillerinde ulanylmaga berildi. Internet saýtda kärhananyň ýerine ýetirýän hyzmatlary bilen giňden tanyşdyrylýar. Saýtda ýolagçy gatnawlaryna, logistika we habarlara degişli bölümleri bar.

DEMIRÝOLLARY



Bulardan başga hem ýolagçy gatnawlarynyň gatnaw tertibi elektron biletler ulgamy bilen birikdirilip, göni wagtda täzelenip durulýar. Has köp logistika bölümine üns berilip, şertnamalaýyn logistika, ýükleri saklamak işleri, ekspeditor hyzmatlary we hereket edýän düzümi işletmek hyzmatlary barada maglumatlar ýerleşdirilen. Ýolagçylar öz belliklerini we tekliplerini, internet saýdynyň habarlaşmak bölüminden aňsatlyk bilen ugradyp bilerler.

Köp dillerde maglumat

Biletler ulgamyna birikdirilen

Türkmenistanda ýerleşdirilen

* Demirýollary AGPJ web saýdyna degişli ähli täzelikler www.demiryollary.gov.tm salgysynda

# Media Wi-Fi hyzmady

Demir ýolyň ýolagçy gatnawlarynda VIP wagonlarynda täze hyzmat hökmünde girizilen Media Wi-Fi hyzmadyny taýýarladyk we 2020-nji ýylyň fewral aýynyň 1-na ulanmaga berdik. Media Wi-Fi ýolagçylaryň syýahat döwründe wagtlaryny gowy geçirmekleri üçin niýetlenen media ulgamydyr.



Media Wi-Fi ulgamyna birikmek üçin, ýolagçylar "DMY" Wi-Fi baglanýar we media.tm salgysyny ýazýar. Bu sahypada öz bilet belgilerini we diňe syýahat döwründe hereket edýän, biletlerinde görkezilen 6 belgili PIN kody girizýärler. Ýolagçy ulgama girenden soňra kinolar, aýdymlar, žurnallar we oýunlary aňsatlyk bilen peýdalynyp bilerler. Şeýle hem bu ulgamyň Android telefonlar üçin programmasy taýýarlanyldy. Bu hyzmadyň diňe VIP wagonlarynda dälde, ähli wagonlarda ýerleşdirmek üçin işler alynyp barylýar.

Kinolar Aýdymlar Žurnallar Oýunlar

* Media-Wifi hyzmatyna degişli ähli täzelikler www.railway.gov.tm salgysynda

# Türkmendemirýollary agentligi

"Asman oky" hojalyk jemgyýetiniň hünärmenleri "Türkmendemirýollary" agentligi üçin elektron bilet we dolandyryş ulgamyny ilatymyza elýeterli etmegiň uly şatlygyny ýaşaýar. Bu taslamanyň çäginde döredilen internet saýt ýolagçylaryň aňsatlyk bilen, kassalara gelmezden biletleri resmileşdirmegini gazandyrdy.

Turkmenistan Railways




Baş sahypada onlaýn bilet satyn almak, mobil programmalardan peýdalanmak barada hem gollanmalar elýeterli. Ulgamda ýolagçylaryň has komfortly syýahat etmekleri üçin isleýän wagon görnüşlerinde isleýän ýerlerini saýlamaklary hem elýeterli edildi. Syýahat etýän ýolagçylar soralýan maglumatlary doldurandan soňra olaryň elektron biletleri email salgylaryna iberilýär. Taýýarlan web saýtymyzyň iň esasy aýratynlyklaryndan biri hem dowamly düzümindäki soraglary tazelenýän köp soralýan soraglar bölümidir.

Onlaýn tölegler

Dowamly täzelemek

24x7 kömek merkezi

---

* Türkmendemirýollary agentligi web saýdyna degişli ähli täzelikler www.railway.gov.tm salgysynda

# Railways app

«Türkmendemirýollary» agentliginiň onlaýn bilet ulgamy akylly telefonlar üçin iOS we Android programma görnüşinde hem taýýarlanyldy. Elektron bilet satyn almak isleýän ýolagçy programmada görkezilen şahsy we bank maglumatlary girizenden soňra gysga wagtyň dowamynda elektron biletlerini satyn alyp bilerler.

Turkmenistan
Railways




Android we
iOS üçin

Onlaýn
tölegler

Biletleri ýatda
saklamak

Bu programmalarda bilet almagy tizleşdirmek we syýahatlaryňyzy ýatda saklamak maksatly alynan biletler we ýolagçylaryň maglumatlary programmanyň içinde jemlenilýär. Programmalar türkmen we rus dillerinde hereket edýär. Programmanyň Android telefonlary üçin niýetlenen görnüşini PlayMarket-den, iOS telefonlary üçin niýetlenen görnüşini App Store-dan ýükläp bilersiňiz.

* Railways app degişli ähli täzelikler
www.railway.gov.tm salgysynda

# Kassa programmasy

Kassirler we dolandyryjylar üçin niýetlenilen programma. «Türkmendemirýollary» agentliginiň kassirleri we dolandyryjylary üçin taýýarlanylan programma bilen kassa, hasabatlar bölümi we dolandyryş has hem ýeňilleşdirildi. Ähli hereket edýän işgärleriň bir maglumatlar binýadyndan işlemegi ýola goýuldy.




Taýýarlanylan programma arkaly her bir stansiýanyň we şol sanda kassiriň gündelik, hepdelik we aýlyk näçe bileti, kimlere, haçan satandygy baradaky maglumatlar elýeterli edildi. Kassirleriň işlerini ýeňilleşdirmek maksatly ozal ýolagçy elektron bilet satyn alan bolsa ýolagçynyň maglumatlary ýörite maglumat merkezine ýygnalýar we diňe pasport belgisi ýazylan ýagdaýynda beýleki gerek bolan maglumatlar awtomatiki usulda çykarylyp kassirleriň işleri ýeňilleşdirilýär we kassa nobatlary azaldylýar.

Web görnüşdäki application

Doly türkmen dilinde

Enjamlar bilen birikdirilen

* Kassa programmasyna degişli ähli täzelikler www.railway.gov.tm salgysynda

# Ýolbeletler üçin app

Demir ýol ýolagçy gatnawlaryndaky ýolbeletler üçin niýetlenen QR Code Scanner enjamy üçin niýetlenen programma üpjünçiligi taýýarlanyldy. Programma bilen ýolagçy maglumatlaryny we elektron biledin hakykylygyny QR kod arkaly anyklamak mümkin.

Turkmenistan Railways




- Offline görnüşde hem işlemegi
- Içerki tor (APN) döretmek
- Doly türkmen dilinde

Ýolbelet öz hereket edýän ugrunyň ýolagçylaryny çalt we ygtybarly hasaba almak işlerini içerki tor arkaly APN ulgamyndan enjama iberilýän maglumat merkeziniň üsti bilen amala aşyrýar. Elektron bilediň dogrylygyny barlamak doly offline görnüşinde amala aşyrylýar we ýolbeletleriň tor baglanşygynyň bolmadyk ýagdaýynda hem ýolagçylaryň biletlerini barlamaga we otla mündirmek işlerini ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar. Ýolbeletler üçin programma üpjünçiligini ulanmak boýunça seminarlar we görkezmek çäreleri geçirilip, şeýle hem tehniki maglumatlary we ulanyş boýunça goldanma şeklinde iki dilde kitapçasy hem taýýarlanyldy.

---

* Ýolbeletler üçin app degişli ähli täzelikler
www.railway.gov.tm salgysynda

# Demirýol dolandyryş

Ýolagçy gatnawlarynyň elektron biletler ulgamyna degişli bolan esasy maglumatlar binýadyny döretmek işleri ýerine ýetirildi. Bu programma üpjünçiligi arkaly otly gatnawlary, otlynyň ýol kartasy, nyrhnamalar, stansiýalar, kassirleriň hasaplary we beýleki maglumatlar bir programmadan dolandyrylýar.




Her otly gatnawy aýratynlykda dolandyrylýar. Ugraýan stansiýasy, barýan stansiýasy we marşrudy bilen bilelikde döredilýär. Otlynyň ugraýan wagty, ýoluň dowamlylygy, uzynlygy we barýan wagtlary programma arkaly hasaplanýar. Otlyda her gün ugraýan wagonlar, olaryň görnüşleri we ýerleriň shemasy döredilýär. Şeýle hem wagonlary wagtlaýyn doňdurmak we satlyga çykarmak aýratynlygy administratorlar üçin elýeterli. Bu dolandyryş ulgamy elektron biletleriniň esasy maglumatlar binýadyna bagly bolup ähli dolandyrma işleri administratorlar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Nyrh meýilnamalary dolandyrmak

Otly gatnawlary dolandyrmak

Kassir maglumatlaryny dolandyrmak

* Demirýol dolandyryşa degişli ähli täzelikler
www.railway.gov.tm salgysynda

# Töleg merkezi

Demir ýol biletlerini online satyn almak üçin Halkbank TDTB bankynyň töleg prosessiň merkezi bilen ulgam birikdirildi. Bu ulgam esasynda, ýolagçylar "Altyn asyr" plastik kartlary arkaly tölegleri geçirip bilýärler. Töleglere gözegçilik etmek we olaryň maglumatlaryny bir ýerden dolandyrmak üçin Töleg merkezi programma üpjünçiligi döredildi.




Töleg merkezi programma üpjünçiligi esasy elektron biletler ulgamy bilen Halkbank TDTB arasyndaky köpri bolup hyzmat edýär. Şeýle hem administrator ulanyjylary üçin göni wagtda geçýän tölegleriň ýagdaýy, gündelik we hepdelik hasabatlary almak mümkinçiligi bar. Şeýle hem goldaw merkezine gelýän jaňlar esasynda, ýüzlenmeleri gözlemek, kart belgisi boýunça, bilet belgisi boýunça tölegleri tapmak mümkinçiligi bar.

- Tölegler boýunça gündelik hasabatlar
- Göni wagtda geçirilýän töleglere gözegçilik
- Giňişleýin gözleg aýratynlygy ornaşdyrylan

* Töleg merkezine degişli ähli täzelikler www.railway.gov.tm salgysynda

# Arçalyk

Arçalyk kompaniýasy 1997-nji ýyldan bäri alkogolsyz içgileriň bazarynda üstünlikli işleýär. Önümçiliginde Ýaponiýanyň we Hytaýyň belli öndürijileriň enjamlaryny, süýjüligi we arassalygy bilen adygan Ýanbaş çeşmesiniň suwuny we öňde baryjy daşary ýurtly üpjünçileriň çig malyny ulanýar.




arçalyk

Arçalyk kompaniýasynyň resmi internet saýdynyň dizaýny Aryketek kompaniýasy tarapyndan taýýarlanylyp, bu dizaýn boýunça saýdyň tehniki tarapy işlenildi. Saýt 3 dilde we mobile telefonlar üçin ýörite dizaýnda hödürlenýär. Şeýle hem saýtda birnäçe effektler peýdalanylýar. Arçalyk önümleri häzirki wagtda agyz suwy, gazlandyrylan suw, miweli içgiler, premium içgiler we Malt witaminli içgilere bölünýär.

Köp dillerde

Mobile görnüşi

Parallax effektleri

* Arçalyk internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.archalyk.com salgysynda

# Işgärler bölümi üçin niýetlenen ulgam

Islendik edara-kärhananyň göwrümine we gurluşyna garamazdan işgärler bölümine gerekli bolan tehniki aýratynlyklary göz öňünde tutulan programma üpjünçiligini hödürleýäris. Programma üpjünçiligi merkezi serwere ýüklenip, işgärler bölüminiň dürli ýerlerde, welaýatlarda bolmagynda hem, ählisiniň bir maglumatlar binýadyndan işlemegini üpjün eder.




Programma üpjünçiliginde işgärleriň maglumatlaryny, olara degişli bolan buýruklary, degişli bolan dürli görnüşdäki resminamalaryň nusgalaryny, şeýle hem beýleki goşmaça maglumatlaryny saklamaga kömek eder. Islendik maglumatlaryň ulgama girizilmegi Excel ýa-da Word programmalary arkaly import etmek we gerekli wagtynda maglumatlary çap etmek mümkinçiligi bar. Şeýle hem bu ulgam boýunça dowamly tehniki goldawy bermek we üýtgedişleri geçirmek, hünärmenlere öwretmek boýunça hyzmatlaryny ýerine ýetirýäris. Bu ulgam doly biziň hünärmenlerimiz tarapyndan taýýarlanylyp, ulanyjylarymyzdan gelýän isleglere laýyklykda dowamly kämilleşdirmek boýunça işleri geçirýäris.

Tor arkaly işleýän

Ýeketäk maglumatla binýady

Doly ýerli çözgüdimiz

* Işgärler bölümi üçin niýetlenen ulgamy siziň kärhanaňyzda demo görnüşinde ýüklemäge mümkinçiligimiz bar

# Hojalyk Dolandyryş Direksiýasy

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýanyndaky Hojalyk dolandyryş direksiýasynyň resmi internet saýdynyň durkuny we keşbini täzelemek işleri ýola goýuldy. Täze internet saýdy türkmen, rus we iňlis dillerinde ulanyjylar üçin elýeterli. Hojalyk dolandyryş direksiýanyň garamagynda esasy Merkezi Gümrük terminaly hem bar.




HOJALYK
DOLANDYRYŞ
DIREKSIÝASY

Hojalyk dolandyryş direksiýasyna degişli bolan Ymamnazar gury porty, Sarahs gury porty, Farap gury portlary barada giňişleýin maglumatlar we foto suratlar ýerleşdirildi. Şeýle hem ýük operasiýalary, ammarlar we ýükleri wagtlaýyn saklamak boýunça hyzmatlar we myhmanhana boýunça ýerine ýetirilýän hyzmatlar barada maglumatlar elýeterli. Hojalyk dolandyryş direksiýasyna we gümrük ammalaryna degişli täzelikler we bildirişleri bu internet saýdy arkaly okap bilersiňiz.

Köp dilde taýýarlanylan maglumatlar

Gümrük ammalaryny öňünden hasaba almak

Täzelikler we bildirişler bölümi

* Hojalyk dolandyryş direksiýasy web saýdyna degişli ähli täzelikler www.terminal.gov.tm salgysynda

# Gümrük amallaryny öňünden hasaba almak

Hojalyk dolandyryş direksiýanyň resmi internet saýdynda ýörite aýry ulgam işlenip taýýarlanyldy. Bu online hyzmadyň kömegi bilen ýükleri ugradýan we alýan taraplar öňünden hasaba durmak we maglumatlary doldurmak arkaly serhet böleklerinde öz wagtlaryny tygşytlap bilerler. Gümrük amallaryny öňünden hasaba almak hyzmady, gümrük gullugynyň ASYCUDA programmasy bilen hem integrasiýa geçilendir.

HOJALYK
DOLANDYRYŞ
DIREKSIÝASY




Öňünden hasaba almak hyzmady jemi 5 bölümden ybaratdyr. Olaryň birinjisi formy dolduryjynyň maglumatlary, ikinjisi ýük ugradyjy we kabul edijiniň maglumatlary, üçünji ýük serişdesi, ýük daşaýjy kompaniýa, transport görnüşleri we gümrük postlary girizilýär. Bu maglumatlardan soň, gelýän ýa-da ugradylýan ýükleriň ady, haryt kodlary, agramy we sany girizilýär. Bu tapgyrdaky maglumatlar doldurylandan soň, ulanyjydan ähli girizilen maglumatlary barlanmagy we tassyklamagy soralýar.

ASYCUDA ulgamy bilen birikdirilen

Çap etmek üçin taýýar hasabatlar

Administrator ulanyjylar üçin panel

* Elektron deklerasiýa web saýdyna degişli ähli täzelikler www.terminal.gov.tm salgysynda

# Deňiz porty

Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň resmi internet saýtyny taýýarlamak bilen birlikde, ondaky ähli ýerleşdirilen maglumatlary üç dilde taýýarlamak, suratlary düşürmek we karta ulgamyny döretmek boýunça birnäçe işler, toparymyz tarapyndan ýerine ýetirildi.

TÜRKMENBAŞY
HALKARA DEŇIZ PORTY




Ýüklemek üçin App Store

Ýüklemek üçin Play Market

Saýtyň esasy bölegi interaktiw kartadan ybarat bolup, ol ýerde terminallara we meýdançalara degişli giňişleýin maglumatlar ýerleşdirildi. Şeýle hem, Türkmenistanyň logistika ulgamyna degişli habarlar, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň täzelikleri toparymyz tarapyndan taýýarlanyp yzygiderli internet saýtyna ýerleşdirilýär.

Deňiz ulaglarynyň hereketi

Korporatiw Email

Interaktiw kartasy

* Türkmenbaşy Halkara deňiz portyna degişli ähli täzelikler www.turkmenbashiseaport.tm salgysynda

# MOK

Toparymyz tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň biri hem Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň internet saýtydyr.




Saýtyň esasy bölegi interaktiw kartadan ybarat bolup, ol ýerde terminallara we meýdançalara degişli giňişleýin maglumatlar ýerleşdirildi. Şeýle hem, Türkmenistanyň logistika ulgamyna degişli habarlar, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň täzelikleri toparymyz tarapyndan taýýarlanyp yzygiderli internet saýtyna ýerleşdirilýär.

* Milli Olimpiýa komitetiniň resmi internet saýdy
www.olympic.tm

# Ýolaşan HK

Multimodal logistika hyzmatlaryny hödürleýän hususy kärhananyň resmi internet saýdy, rus we iňlis dillerinde işlenip taýýarlanyldy. Ýolaşan hususy kärhanasy awto ýollar, deňiz arkaly, howa ýollary we demir ýollary arkaly ýük daşamak işleri bilen meşgullanýar. Kärhana şeýle hem multi modal hyzmatlaryny öz müşderilerine hödürleýärler.




Yolashan

Internet saýdynyň esasy aýratynlyklarynyň biri bolsa, baha hasaplamak üçin giňişleýin formyň döredilmegidir. Bu form arkaly müşderiler ýük daşamak boýunça bahalary bilmek üçin ýüzlenmeleri iberip bilerler. Bahalary bilmek üçin ýükiň agramy we haýsy ýollar bilen getiriljekdigi baradaky maglumtlar, kärhananyň hünärmenlerine iberilýär. Bu internet saýdynyň esasy maksady, Türkmenistanyň çäginden geçýän üstaşyr ýükleriň köpelmegi we müşderilere gerekli bolan maglumatlary bermek bolup durýar.

Baha hasaplamak sahypasy

Işgärler üçin email ulgamy

Habarlar we bildirişler

* Ýolasan HK web saýdyna degişli ähli täzelikler www.yolashan.com salgysynda

# AŞTU Şahsy otag apps

"Aşgabat şäher telefon ulgamy" ÝGPJ üçin niýetlenen Android we iOS programma üpjünçilikleri taýýarlanyldy. Programma üpjünçiliginiň kömegi bilen ulanyjylar öz hyzmatlaryny dolandyryp, şeýle hem "Altyn asyr" plastik kartlary arkaly online görnüşde hasabyny dolduryp bilýärler. Bu programma AŞTU tarapyndan hödürlenýän internet, telefon we IPTV hyzmatlaryny dolandyrmak üçin niýetlenýär.




Müşderi öz şahsy otagyna girmek üçin öý telefon belgisini we 084 belgä jaň edip alynan PIN belgisini girizýär. Müşderiniň maglumatlary dogry bolsa, şahsy otagda her hyzmaty boýunça balanslary görkezilýär. Şeýle hem online usulda internet nyrhnamasyny üýtgetmek we telefon belgisine goşmaça hyzmatlary (8-lik, halkara jaňlar, AON...) birikdirmek mümkin. Mobile programmalary Google Play we App Storedan ýükläp bilersiňiz.

Onlaýn görnüşde hasaby doldurmak

Goşmaça hyzmatlary birikdirmek

Internet nyrhnamasyny çalyşmak

* AŞTU şahsy otag apps degişli ähli täzelikler my.agts.tv salgysynda

# AŞTU internet saýdy

Aşgabat şäher telefon ulgamynyň resmi internet saýdy türkmen we rus dillerinde taýýarlanyldy we internet saýdynda ulanmak üçin dizaýn keşbi döredildi. Internet saýdynyň esasy aýratynlygy bolsa, islendik telefon belgisine, internet we IPTV hyzmatlaryna saýdyň baş sahypasyndan töläp bilmegiňizdir. Bu görnüşdäki aýratynlyk, beýle ýeňil usulda bolup durmuşa geçirilen ilkinji taslamalardan biridir.




AŞTU internet saýdy ähli hyzmatlar boýunça giňişleýin maglumat berýär. Kassalar, halkara jaňlar, tehniki goldaw, internet hyzmatlary, IPTV hyzmatlary barada maglumatlary alyp bilersiňiz. Şeýle hem IPTV we Internet birikdirmek üçin gerek bolan resminamalar, salgyny ýazmak bilen Ethernet ýa-da ADSL tehnologiýalaryň haýsynyň elýeterlidigini anyklamak we CDMA öýjükli telefonlarynyň nyrhnamalary bilen tanyşyp bilersiňiz. Internet saýdynda täzelikler, aksiýalar we bildirişlere degişli maglumatlar öz wagtynda täzelenýär.

Hyzmatlar üçin online tölegler

Nyrhnamalar boýunça doly maglumatlar

Täzelikler we aksiýalar bölümi

* AŞTU internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.agts.tv salgysynda

# AŞTU Şahsy otag

Aşgabat şäher telefon ulgamynyň şahsy otag hyzmatynyň web görnüşi hem aýratynlykda taýýarlanyldy. Web görnüşi ulanyjylaryň kompýuter enjamlarynyň kömegi bilen giren ýagdaýynda peýdalanmak üçin niýetlenýär. Bu hyzmat my.agts.tv salgysynda ýerleşip, AŞTU müşderileri üçin internet hyzmaty öçürilen ýagdaýynda hem elýeterlidir.




Köp müşderiler internet hyzmady üçin aýlyk töleglerini wagtynda tölemegi ýatdan çykarýarlar. Müşderileriň internet hyzmaty tölegi üçin öçürilen halatynda hem, bu salgyny öz öýlerinden açyp bilerler. Öz şahsy otagyna girmek bilen, öçük bolan internet hyzmatyna tölegleri geçirmäge mümkinçilik döredildi. Şahsy otag hyzmaty hem internet saýtdaky ýaly türkmen we rus dillerinde taýýarlandy. Gürlemek arkaly PIN kodyny aýdýan 084 hyzmaty hem biziň kärhanamyz tarapyndan taýýarlanylyp, bu ulgam bilen birikdirildi.

- Onlaýn görnüşde hasaby doldurmak
- Goşmaça hyzmatlary birikdirmek
- Internet nyrhnamasyny çalyşmak

* AŞTU Şahsy otagyna degişli ähli täzelikler my.agts.tv salgysynda

# Rysgal Bank

"Rysgal" Paýdarlar täjirçilik bankynyň resmi internet saýdy. Bu internet saýdy bankyň berýän hyzmatlaryndan başlap, hyzmat nokatlaryna çenli ähli maglumatlary özünde jemleýär. Karzyň görnüşleri, plastik kartlar, online hyzmatlar, bankomatlar barada maglumatlary aňsatlyk bilen tapyp bilersiňiz. Saýt türkmen, rus we iňlis dillerinde hyzmat berýär.




Bankyň işiniň esasy wezipesi – müşderilere bank önümleriniň köpsanly görnüşlerini hödürlemek arkaly ýurduň döwlete degişli bolmadyk sektorynyň, kiçi we orta işewürligiň maliýe taýdan goldanylmagydyr. Müşderiniň bähbitleriniň ileri tutulmagy, halkara hil derejelerine wepalylyk, hemmetaraplaýyn pikirlenmek başarnygy hem-de ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň ýokary derejesi biziň işimiziň we abraýymyzyň esasy bolan ynamly gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär. Bankyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin gerekli bolan resminamalaryň sanawy, golaw merkeziniň telefon belgileri hem bu saýtda ýerleşdirilendir. Saýt gündelik täzelenip durýar.

- Köp dilde maglumatlar
- Online karz kalkulýator
- Hyzmat nokatlaryň kartasy

*Rysgal Bank internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.rysgalbank.com.tm salgysynda

# BMW Türkmenistan

Awtohauz GmbH hojalyk jemgyýeti BMW/Mini awtoulaglarynyň Türkmenistandaky resmi importýory. Bu hojalyk jemgyýetiniň internet saýdy türkmen, rus we iňlis dillerinde taýýarlanyldy. Hojalyk jemgyýetiniň hödürleýän hyzmatlary we awtoulaglary barada maglumatlar, suratlar ýerleşdirildi. Internet saýdynda peýdalanylýan suratlary düşürmek hyzmaty hem ýerine ýetirildi.



Türkmenistanda yzygiderli kämilleşýän öňdebaryjy awtomobil brendleriniň biridir. Şu günki günde  “Awtohauz GmbH” HJ öz portfelinde 7 sany brendi jemleýär: Rolls&Roys, BMW, MINI, Motorrad, BMW I, BMW e, BMW M. “Awtohauz GmbH” kompaniýasynyň işleri awtomobilleri satmakdan, kepilli we kepillilik möhletinden soňky hyzmatlary amala aşyrmakdan, şeýle hem asyl nusgadaky ätiýaçlyk şaýlaryny we degişli zatlary satmakdan ybaratdyr. Biz hatda her bir ownuk zatlarda hem birkemsiz bolmaklyga synanyşýarys, öz müşderilerimiz üçin ýatdan çykmajak pursatlary döredýäris.

Köp dilde maglumat

Halkara dizaýnda

Fotosuratlary düşürmek

* BMW Türkmenistan web saýdyna degişli ähli täzelikler www.bmwtm.com salgysynda

# Hoşwagt internet saýdy

Lezzeti tebigatdan, hili bizden! - şygary bilen müşderilerine birnäçe ýyldan bäri Hoşwagt ady bilen ýokary hilli önümleri bilen hyzmat berýän Miweli Ülke hususy kärhananyň resmi internet saýdyny taýýarladyk. Resmi internet saýdy has güýmenjeli we gyzykly bolmagy üçin söz oýunlary we üýtgeşik şadyýan dizaýn bilen ýerine ýetirildi.




Bu saýt hem türkmen, rus we iňlis dillerinde elýeterli bolup, saýtdaky ýerleşdirilen ähli önümleriň suratlary we maglumatlary taýýarlanyldy. Internet saýdy häzirki wagtda diňe kompýuter üçin niýetlenen görnüşde elýeterlidir. Şeýle hem her önüm görnüşi üçin aýratyn reňk berilip, bu önüme degişli sahypalarda bu reňkler ulanylýar. Jemi 6 görnüşdäki dürli önümler bolup, olaryň her haýsynda hem birnäçe görnüşleri bar. Internet saýdynyň habarlaşmak bölüminden, müşderiler özlerini gyzyklandyrýan soraglary, teklipleri we arz şikaýatlaryny iberip bilýärler.

Üýtgeşik dizaýn

Harytlaryň suratlary

Köp dillerde

---

* Hoşwagt internet saýdyna degişli ähli täzelikler
www.hoshwagt.com salgysynda

# Täze Bakja internet saýdy

Ýylyň her möwsüminde saçaklarymyzy witamine we minerallara baý ýokumly ter gök önümleri bilen üpjün edýän "Täze Bakja" hojalyk jemgyýetiniň internet saýdy işlenip taýýarlanyldy. 63000 metr inedördül meýdanda agrotehnikanyň iň döwrebap we kämil tilsimatlaryndan peýdalanyp esasy pomidor önümçiligi üçin niýetlenilen topraksyz ýyladyşhana.




Internet saýdynda ýyladyşhananyň gurnalşy we aýratynlyklary barada maglumatlar berilýär. Olardan akylly tilsimatlar esasynda dolandyrylýan howa ulgamyny, suw üpjünçiligi, energiýa ulgamyny aýdyp geçmek mümkin. Şeýle hem ýyladyşhanada 80-e golaý hünärmenler zähmet çekip, olaryň peýdalanýan ýokary tehnologiýalary barada düşündiriş maglumatlar bar. Ahal welaýatynda ýerleşýän bu ýyladyşhanada bandita, çerry pomidorlary, şeýle hem sargytlar boýunça badamjan, hyýary ösdürip ýetişdirmek mümkin. Internet saýdy türkmen, rus we iňlis dillerinde köpçülige elýeterlidir.

Köp dillerde maglumat

Gyzykly we özüne çekiji parallax dizaýn

Önümler we hyzmatlar barada giňişleýin maglumat

* Täze Bakja internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.tazebakja.com salgysynda

# Aşgabat 2018

Aşgabat şäheriniň Olimpiýa şäherjiginde geçirilen Agyr atletika boýunça Dünýä çempionatynyň resmi internet saýdyny taýýarladyk. Bu internet saýt türkmen, rus we iňlis dillerinde taýýarlanylyp, çempionatyň geçirilýän döwründe we başlamazyndan öň köp sport janköýerleri, gelýän daşary ýurtly myhmanlar üçin täzelikleri we maglumatlary öz wagtynda ýetirip durdy.




Göni wagtda netijeler

Köp dilde maglumatlar

IWF ulgamy bilen integrasiýa

Şeýle hem IWF netijeler ulgamy bilen birikdirilip, göni wagtda ýaryşlaryň netijeleri, medallaryň sanawy, ýaryşlaryň rejesi we emin agzalaryň protokollary bilen bilelikde ýerleşdirildi. Şeýle hem medallaryň sanawyny gatnaşýan ýurtlara görä, ýaryşyň görnüşine görä görmek mümkinçiligi döredildi. Ýaryş jemi 14 gün dowam edip, 100-den gowrak döwletden 1000-e golaý türgenleriň we gatnaşmagynda gurnaldy. Halkara Agyr atletika federasiýasynyň we dürli halkara sport guramalaryň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýüzlerçe wekilleri gatnaşdylar. Internet saýdynda Türkmenistanyň türgenleri, Olimpiýa şäherçesi we petekler barada maglumatlar taýýarlanylyp, suratlar bilen bezelip giňişleýin görnüşde köpçülige ýetirildi.

* Aşgabat 2018 internet saýtyna degişli ähli täzelikler www.ashgabat2018.com salgysynda

# Aşgabat 2017 saýt

Ýurdumyzdaky sport çäreleriniň resmi internet saýdyny döretmek we oýunlar döwründe doly goldaw bermek boýunça işlerimizden biri hem Aşgabat şäherinde geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarydyr. Bu sport çäresiniň üstünlikli geçmegi üçin öz goşandymyzy goşdyk. Oýunlara degişli bolan umumy 6 sany dürli görnüşli taslamalaryň üstünde işlenildi.




Ýaryşlaryň netijeleri, oýunlaryň meýilnamalary, türgenleriň biografiýasy, medallaryň sanawynyny özünde jemleýän we netijeleri göni wagtda ulanyjylara ýetirmek üçin niýetlenen, türkmen, rus we iňlis dillerinde internet saýdy taýýarlanyldy. Aşgabat 2017 oýunlarynyň açylyş dabarasy, geçýän ýaryşlaryň ählisi şeýle hem ýapylyş dabarasy internet saýtda, Android we iOS mobile programmalarynda göni ýaýlym wideo şeklinde görkezildi. Şol bir wagtyň özünde 8 sany desgadan wideolar görkezildi.

Göni ýaýlym wideolar

Maglumat howpsuzlygy

Üç görnüşli tapgyrlar

* Aşgabat 2017 internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.ashgabat2017.com salgysynda

# Aşgabat 2017 apps

Aşgabat şäherine geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary hakynda doly maglumaty ulanyjylara tiz ýetirmek üçin Android we iOS ulgamyndaky işleýän telefonlar üçin ýörite "Ashgabat 2017" mobile programma üpjünçiligi taýýarlanyldy. Bu programmalar häzirki wagtda hem Google Play we App Storedan ýüklemek mümkin.

Ashgabat 2017
5th Asian Indoor & Martial Arts Games




Internet saýdy bilen birlikde, mobile programmalaryň kömegi bilen hem göni ýaýlym wideolar, ýaryşlaryň netijeleri, oýunlaryň meýilnamalary, türgenleriň biografiýasy, medallaryň sanawy bilen tanyşmak mümkin. Ulanyjynyň internet tizligine görä wideonyň hilini saýlamak we gysmak ulgamy ornaşdyryldy. Jemi göni ýaýlym wideolar 760 310 sany enjamdan görülip, stream edilen wideonyň dowamlylygy jemi 6 670 000 minut. Mobile programmalarda öz janköýerlik edýän ýurtlaryňyzy, sportlaryňyzy saýlamak we olara degişli ähli habarlary, wideo ýazgylary göni wagtda yzarlamak mümkinçiligi elýeterli.

Göni ýaýlym wideolar

Maglumat howpsuzlygy

Üç görnüşli tapgyrlar

* Aşgabat 2017 mobile apps degişli ähli täzelikler www.ashgabat2017.com salgysynda

# Metbugat merkezi

Aşgabat şäherinde geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynda habarçylar, fotosuratçylar üçin niýetlenen metbugat merkezi işlenip taýýarlanyldy. Bu ulgamda ýaryşyň geçýän desgasyndan žurnalistleriň habary ýazmagyndan başlap, redaktirlenmegi we olaryň çapa taýýarlanyş prosesslerini öz içine alýar.

Ashgabat 2017
5th Asian Indoor & Martial Arts Games




Aşgabat 2017 oýunlarynda degişli bolan ähli habarlar bu ýerde taýýarlanylyp, redaktirlenip köpçülige ýetirilýär. Şol bir wagtyň özünde jemi 200-den köp žurnalistleriň peýdalanan bu ulgamynda birnäçe ulanyjy görnüşleri bar. Habarçy, Terjimeçi, Redaktor we Administrator ulanyjy görnüşleri özleriniň iş wezipelerine laýyklykda ulgamda rugsatlary ýerleşdirildi. Bu metbugat merkezi 3 dilde hyzmat berip, gazet žurnallar we tele-ýaýlym işgärleri üçin, daşary ýurtly internet saýtlary üçin maglumat çeşmesi hökmünde çykyş etdi.

Jemi 200-den köp habarçy

Üç dilde desgalardan habarlar

Ýeketäk resmi maglumat çeşmesi

* Metbugat merkezine degişli ähli täzelikler www.ashgabat2017.com salgysynda

# Türkmen Exporters

Türkmenistanyň eksport mümkinçilikleri bir ýere jemleýän we ähli alyjylar üçin gerekli maglumatlary tiz, dogry we düşnükli görnüşde ýetirýän internet saýdy. Türkmenistanyň önüm öndürijileriniň her haýsy boýunça aýratyn sahypalaryň, kataloglaryň taýýarlanmagy esasynda, bu saýtda türkmen, rus, iňlis we türk dillerinde hyzmat berýär.

TurkmenExporters.com
Business Platform of Turkmenistan

9 pudak boýunça

68 önüm öndüriji

4 dilde maglumat



Internet saýdy özünde dokma senagaty, azyk senagaty, himiýa, gurluşyk materiallary, derman senagaty, hojalyk harytlary, ulag we logistika hyzmatlary, turizm we syýahatçylyk hyzmatlaryny hödürleýän Türkmenistanyň kärhanalary barada maglumatlary saklaýar. Ähli pudaklar boýunça degişli harydy ýa-da kärhanany tapmak üçin gözleg aýratynlygy ýerleşdirildi. Has öňe saýlanýan we mahabatlandyrylmak islenilýän önümler üçin ýörite bannerleriň ýerleri bar. Şeýle hem saýdyň Google we Yandex gözleg ulgamlarynda ilkinji hatarda çykmagy üçin işler alynyp barylýar.

* Türkmen Exporter internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.turkmenexporters.com salgysynda

# Berkarar kiosk

Aşgabat şäherinde ýerleşýän Berkarar söwda we dynç alyş merkezinde ýerleşdirilen maglumatlar kiosky ilkinji işlerimiziň hataryndadyr. Bu kiosklar arkaly müşderiler özüne gerekli dükanlary, restoranlary we hyzmat nokatlaryny aňsatlyk bilen tapyp bilerler. Kioskyň ýerleşýän ýerine görä ýörite kartalar çyzyldy we şol nokatdan, görkezilen nokada barmak üçin ýol çyzylýar.

BERKARAR
SÖWDA WE DYNÇ ALYŞ MERKEZI




Wideo mahabatlary ýerleşdirmek

Maglumatlary aňsat ýüklemek

Ýol görkeziji karta

Kiosk Linux operasion ulgamynda işläp, touch ekranlaryň kömegi bilen ulanylýar. Şeýle hem ulanmagy aňsat bolmagy üçin, ekranyň basylýan bölekleri adam deňinde, ýokarda ýerleşdirildi. Maglumatlary täzelemek üçin "Uploader" programmasy bolup, diňe bir gezek üýtgetmek we soňundan bu programma boýunça täzelikleri ýüklemek ýola goýuldy. Şeýle hem kioskda awtomatik usulda wideo reklamalaryň görkezilmegi we basylan ýagdaýynda programmanyň açylmagy, söwda merkezine goşmaça girdeji hökmünde ýola goýuldy.

* Berkarar kioskyna degişli ähli täzelikler
www.berkararkiosk.com salgysynda

# AsmanOky OTP

Ulanyjy hasaplarynyň goragyny üpjün etmek maksady bilen iki derejeli gorag (2FA) aýratynlygy işlenip taýýarlanyldy. 2FA aýratynlygy – Two Factor Authentication ulanyjydan ulgama girmek üçin diňe agza ady we açar sözi soralman, her gezek ulgama girilen ýagdaýynda bir gezek ulanylýan we 30 sekundyň içinde işleýän 6 belgili kod hem soralýar.

- Offline görnüşde işlemegi
- Islendik taslama integrasiýa
- Google Play we App Store




OTP (One Time Password) diýip atlandyrylýan bu kodlar başda ýörite açar bilen ulanyjynyň hasabyna sazlanandan soňra, her 30 sekuntdan täzelenip durýar. OTP kodlaryny generasiýa etmek üçin Android we iOS telefon ulgamlary üçin ýörite programma üpjünçiligi taýýarlanyldy. Google Play we App Storedan “AsmanOky OTP” ady bilen tapyp, öz telefonlaryňyza ýükläp bilersiňiz. QR kody kamera arkaly okadylandan soňra, telefonda 6 belgili sanlar görkezilmäge başlaýar we bular her 30 sekuntdan täzelenýär. Siziň parolyňyz ogurlanan ýagdaýynda hem, bu telefonda görkezýän 6 belgili sany bilmeýänler siziň hasabyňyza girip bilmez.

---

* AsmanOky OTP degişli ähli täzelikler docs.asmanoky.com salgysynda

# Ruhabat dokma toplumy

Türkmenistanyň dokma senagaty ministrliginiň Ruhabat Dokma Toplumynyň egirme önümçiligi 2010-njy ýylda, dokma we boýag önümçiligi bolsa 2012-nji ýylda işe girizildi. Halkara derejede öňdebaryjy tilsimitlar ornaşdyrylan dokma toplumy 110 000 m2 meýdanda bina edilip, jemi 1200 adam zähmet çekýär. Bu internet saýt dokma toplumynyň ähli ýerine ýetirýän hyzmatlary, önümleri bilen tanyşdyrýar.




Ruhabat Dokma Toplumy ýurdumyzyň ähli künjeginde ýerleşýän pagta arassalaýjy desgalaryndan gelip gowuşan ýüplük we ak pagtadan egirme önümçiligini, dokma önümçiligini, boýama basgy önümçiligini amala aşyrýar. Dokma toplumy häzirki ýagdaýda önümlerini Kanada, ABŞ-a, Russiýa Federasiýasyna, Şwesiýa, Angliýa, Germaniýa, Fransiýa, Türkiýä we Italiýa eksport edilýär. Ruhabat dokma toplumynyň dokma önümçiliginde öndürilýän çig matalar dünýä tekstil bazarynda uly abraýa eýe. Dokma önümçilik bölümine Ýewropanyň Karl Mayer we Picanol firmalarynyň 144 sany dokma enjamlary ornaşdyrylan.

Harytlaryň katalog

Köp dillerde

Suratlary düşürmek

* Ruhabat dokma toplumy internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.ruhabattextile.com salgysynda

# Türkmendermansenagat birleşigi

Halkymyzyň saglygyny goramaga we ony berkitmäge gönükdirilen "Türkmendermansenagat" birleşigi öz düzüminde jemi 6 sany kärhanany jemleýär. Häzirki wagtda birleşigiň garamagyndaky kärhanalarda öndürilýän dermanlaryň sany 340-dan geçip, olaryň köpüsi meýletin saglyk ätiýaçlandyryma şahadatnamasy bilen ilata ýeňillikli göýberilýär.

TÜRKMENDERMANSENAGAT

Köp dilde maglumat

Harytlaryň katalogy

Suratlary düşürmek



Internet saýdynda birleşigiň düzümine degişli bolan ähli kärhanalar üçin aýratyn sahypalar döredilip, olaryň öndürýän önümleri we habarlaşmak üçin salgylary ýerleşdirilen. Şeýle hem her önüm üçin aýratyn sahypa taýýarlanylyp, suraty, düzümi we ulanmagyň şertleri boýunça maglumatlar ýerleşdirildi. Bu birleşigiň saýdy Türkmenistanda öndürilýän harytlaryň eksport mümkinçiliklerini köpçülige habar bermek we daşary ýurt gyzyklanýan hyzmatdaş kompaniýalary gyzyklandyrmak üçin gural bolup hyzmat edýär. Diňe tehniki taraplardan dälde, internet saýdynda ulanylýan bannerleri taýýarlamak, suratlary düşürmek ýaly işler hem kärhanamyz tarapyndan ýerine ýetirildi.

* Türkmendermansenagata degişli ähli täzelikler www.tkm-derman.gov.tm salgysynda

# Gudratly Mekan HJ

“Gudratly Mekan” hojalyk jemgyýeti gurluşyk taslama işlerini, şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryny, medeni-ylmy gurama jaýlaryny, sport desgalary gurmagy we ýollary gurmak boýunça işleri alyp barýar. Kärhananyň esasy işlerinden daşary gurluşykda peýdalanylýan Isogum önümlerini mahabatlandyrmak üçin saýdyň baş sahypasy bu önüm barada maglumatlary jemleýär.

Gudratly Mekan




Isogum munuň özi, çylşyrymly ajaýyp tehniki häsýetlerini berýän, soňky nesiliň elastomer polimerleri bilen modifisirlenen, distillirlenen bitumly, gidroizolýasiýa düzüm arkaly berkidijini ezip senagat taýdan taýýarlanan, elastomer modifisirlenen bitum gidroizolýasiýa perdesidir. Örülmedik spanbond poliefirinden taýýarlanan aýna süýümi bilen utgaşyklykda kompozit berkidiji gowy mehaniki häsýetleri, ölçegleriň we çeýeligiň ajaýyp durnuklylygyny üpjün edýär. Bu önümiň animasiýasy bilen birlikde, baş sahypasynda ulanylýan ýerler we önümiň görnüşleri, düzümi barada giňişleýin maglumatlary tapyp bilersiňiz.

Harydyň animasiýasy

Taslamalar sahypasy

Köp dilde maglumat

* Gudratly Mekan HJ internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.gudratlymekan.com salgysynda

# Haryt Syýahat kompaniýasy

"Haryt Syýahat" syýahatçylyk kompaniýasy garaşsyzlyk eýýamynda açylan ilkinji hususy syýahatçylyk şereketleriniň biri bolup, hem daşary ýurtly raýatlaryň, hem ýurdumyzyň raýatlarynyň arasynda dynç alyşyň dürli görnüşlerini, syýahatçylyk ugurlarynyň köpdürliligini hödürleýär.




Syýahat etmekligi halaýanlar üçin Türkmenistanyň meşhur ýerleriniň ählisine – Lebap tebigatynyň geň galdyryjy künjeklerine, Merwiň taryhy ýadygärliklerine, Hazar deňziniň kenaryna we Balkanyň şypaly gözbaşlaryna, gadymy Horezmiň paýtagty – Könürgenje, Awazanyň galalaryna syýahatlar gurnalýar. Daşary ýurt syýahatyny halaýan türkmen syýahatçylary üçin köpsanly ýurtlaryna, şeýle hem Taýlanda, BAE, Hindistana, Türkiýä, Russiýa, Ukraina, Hytaýa, Gazagystana, Özbegistana, Azerbaýjana, Belorussiýa wizalary resmileşdirýär we syýahatçylyk ugurlaryny hödürleýär.

Taryhy ýadygärlikler

Fotogalereýa aýratynlygy

Köp dillerde maglumat

* Haryt Syýahat kompaniýasyna degişli ähli täzelikler www.harytsyyahat.com salgysynda

# Altyn Ýunus

"Altyn Ýunus" hususy kärhanasy özüniň 10 ýyllyk iş tejribesi bilen ýurdumyzda uzak möhletli we ynamdar markalar döretmegiň ugrunda işleýär. Öndürýän önümlerimizi marka etmek bilen biz diňe bir önüm üpjünçiligiň däl-de, eýsem ýokary hiliň we ynamdarlygyň nusgasyny döretmek isleýäris. Biz hemişe öz önümlerimiziň görnüşini, hilini we mukdaryny artdyrmak boýunça işler alyp barýarys.




Bulardan başga-da kärhanamyz birnäçe daşary ýurt önümleriniň distrubýuterçylygy bilen meşgullanýar. Kärhanamyzda daşary ýurtdan gelýän önümleri ýurdumyzyň ähli künjegindäki söwda nokatlaryna wagtly-wagtyna ýetirip durmak boýunça ýörite topar işleýär. Işini üstünlikli amala aşyrýan toparymyz beýleki ýerli önümçileriniň hem önümlerini dürli söwda nokatlaryna öz wagtynda ýetirmäge ýardam berýär. Internet saýdyny döretmek boýunça dizaýn we wizual keşbini döretmek boýunça "Belli Bezeg" hususy kärhanasy bilen bilelikde işlenildi. Saýt türkmen, rus we iňlis dillerinde işleýär.

Köp dillerde maglumat

Harytlaryň katalogy

Fotogalereýa aýratynlygy

* Altyn Ýunus internet saýtyna degişli ähli täzelikler
www.altynyunus.tm salgysynda

# Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahaty

Aşgabat şäherinde 2016-nji ýylyň 26-27-nji noýabrynda geçirilen we Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde gurnalan Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahatynyň resmi internet saýdyny taýýarladyk. Bu geçirilen maslahatyň meýilnamasy, resminamalar ýygyndysy we online hasaba alyş ulgamy işlenip taýýarlanyldy. Maslahatyň geçirilýän döwründe internet saýdynda göni wagtda habarlary ýerleşdirmek hyzmady ýola goýuldy.

GLOBAL SUSTAINABLE TRANSPORT CONFERENCE
ASHGABAT, 26-27 NOVEMBER 2016



Internet saýdynda maslahatdan daşary, Türkmenistana degişli maglumatlar, daşary, ykdysady syýasaty, ylym, bilim, sport, syýahatçylyk, medeniýet ugurlary boýunça maglumatlar ýerleşdirildi. Şeýle hem Türkmenistanyň ministrlikleriniň we guramalarynyň internet saýtlaryna, hemaýatkärleriň we hyzmatdaş kompaniýalaryň saýtlaryna salgylanmalar ýerleşdirildi. Şeýle hem maslahat boýunça ýüze çykyp bilýän köp soralýan soraglara jogaplar ýerleşdirildi. Saýtda bulardan daşary durnukly ösüşiň agendasyna degişli bolan 17 sany ugurlar boýunça ýurdumyzda we halkara derejesinde ýerine ýetirilen işler barada aýdylýar.

Halkara çäre

Hasaba alyş

Tehniki goldaw

* Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahatyna degişli ähli täzelikler www.globaltransportconference.gov.tm salgysynda

# VeriStock

Dükanlaryň satyşlaryny, ammardaky harytlaryny, olaryň hereketlerini dolandyrmak üçin niýetlenen VeriStock programmasy. Bu programma doly türkmen dilinde bolup, esasy onda satyşlary dolandyrmak, dükandaky harytlary dolandyrmak, dükandaky azalýan harytlary görmek, ammardaky harytlary dolandyrmak, birnäçe dükanyň arasynda sinhronizasiýa ýaly aýratynlyklary göz öňünde tutulandyr.

VeriStock



Bu programma üpjünçiligini taýýarlan we bu programma boýunça hyzmat berilýän döwründe jemi 12 sany dükan nokatlarda peýdalanylýardy. Programma daşarky enjamlar bilen işlemäge ukyply we ähli görnüşli enjamlar bilen integrasiýa işleri ýola goýulupdy. Kwitansiýalary çap etmek üçin printerler, barkod çap etmek üçin printerler, tereziler, barkod okujylar bilen integrasiýa edilip bilelikde işleýär. Şeýle hem müşderileri gyzyklandyrmak üçin loýalty kartlary moduly göz öňünde tutulýar.

Enjamlar bilen birikdirmek

Doly türkmen dilinde

Touch ekranlar üçin niýetlenen

*Programma üpjünçiligi boýunça häzirki wagtda hiçhili hyzmat berilmeýär we diňe arhiw görnüşinde, edilen işlerimizde saklanýar.

# Dana hususy kärhanasy

Nebit-gaz toplumynyň desgalaryna hyzmat etmekde, senagat howpsuzlygy boýunça işler, şeýle hem nebit-gaz işleriniň enjamlaryny tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak bilen bagly işleri alyp barýan hususy kärhananyň resmi internet saýdyny taýýarladyk.




Öz işleýän döwründe dürli ugurlarda we ölçeglerdäki 20-den köp taslamalary durmuşa geçiren bu kompaniýanyň ýerine ýetirýän işleri we taslamalary bilen tanyşyp bilersiňiz. Nebit gaz ulgamynda ulanylýan ýöriteleşdirilen enjamlary gurnamak, olary abatlamak şeýle hem bu enjamlar bilen bilelikde işleýän ulgamlaryň, programma üpjünçiliklerini gurnamak işlerini alyp barýarlar. Şeýle hem Dana hususy kärhanasy özüniň daşary ýurtly we dünýä tejribesi bolan hyzmatdaş kompaniýalary bilen saýlanýar.

- Maglumatlary we suratlary taýýarlamak
- Saýt boýunça doly tehniki goldaw
- Internet saýdynyň özboluşly dizaýny

*Dana hususy kärhanasy internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.danatm.net salgysynda.

# Türkmengeologiýa Döwlet korporasiýasy

Türkmenistanyň çäklerinde geologik-geofiziki usullar bilen ýer jümmüşini öwrenmek boýunça toplumlaýyn strategiýany işläp taýýarlaýan we tebigy baýlyklary ýüze çykarmak üçin barlaglary geçirýän geologik gözleg ugry boýunça Türkmengeologiýa Döwlet korporasiýasynyň resmi internet saýdyny taýýarladyk.




Döwlet korporasiýasynyň düzümindee geofizika gullugy, buraw gullugy, gidrogeologiýa gullugy, gaty magdanlary işleýän guramasy, kömekçi gullyklary bar. Bu gulluklaryň her biri tarapyndan ýerine ýetirilýän işleriň sanawy, şeýle hem habarlaşmak üçin salgylary ýerleşdirildi. Gurama tarapyndan geçirilýän tender/bäsleşikler barada, şeýle hem beýleki habarlary saýtda ýerleşdirilýär. Internet saýdy diňe tanyşdyryş maksatly taýýarlanyldy.

Köp dillerde maglumat

Türkmenistanda ýerleşdirilen

Wektor suratlar arkaly bezelen

*Türkmengeologiýa Döwlet korporasiýasy internet saýdyna degişli ähli täzelikler www.tmgeology.gov.tm salgysynda.

ASMAN OKY

Eliňizdäki kitapçanyň içinde ýerleşdirilen maglumatlaryň ählisiniň hukugy «Asman oky» hojalyk jemgyýetine degişlidir. Kitapçanyň içinde ýerleşdirilen maglumatlary, wizual materiýallary we pikirleri eýeçilik hukugyny goraýan gurama salgylanmazdan ulanmak rugsat berilmeýär. Kitapçany bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn köpeltmäge hem-de internet ulgamynda paýlaşmaga rugsat berilmeýär.

www.asmanoky.com

**Salgymyz**

Halkara Işewürlik merkezi,A block, 8 gat,
Parahat 2, Ýunus Emre köçesi,
Aşgabat, Türkmenistan.
744017

**Telefon belgimiz**

+993 12 45-05-40

**E-mail**

box@asmanoky.com